# Wirtualda söýgi döräli bäri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Wirtualda söýgi döräli bäri WIRTUALDA SÖÝGI DÖRÄLI BÄRI

Adamlar düşdüm men täsin durmuşa,
Wirtualda söýgi döräli bäri,
Bendi etdi, geçip sosial görnüşe,
Wirtualda söýgi döräli bäri.

Gündizim geçenok, gije ýatamok,
Eger, ýazyşmasam, günüm ötenok,
Wah, al kakmyş megabaýdam ýetenok,
Wirtualda söýgi döräli bäri.

Öýümde işler kän ýetenok elim,
Ýazyşýan hatlarym, balym-da, gülüm,
Duýgymy paýlaşýan smaýlik bilen.
Wirtualda söýgi döräli bäri.

Wi fi öçse, erbet gelýär gaharym,
Sesin eşitmesem nädip ýataryn,
Derrew adyn kontaktdan taparyn,
Wirtualda söýgi döräli bäri.

Unutmaly boldum, mejbury ýatdan,
Telefonym gaçdy bökemde ýapdan,
Olam meni aýyrypdyr hasapdan,
Wirtualda söýgiñ döreýşi ýaly.

Remezan MÄMETGURBANOW.

04.11.2022 ý. Goşgular